Aragatnaşygyň interaktiw tarapynyň derňewi belli bir kynçylyklar bilen baglanyşyklydyr. Munuň sebäbi kommunikasiýasyz-maglumat geçirilmesiz taraplaryň özara täsirini, hereketini aýratyn seretmegiň örän kynlygy bilen baglydyr (edil şonuň ýaly-da belli bir özara hereketi göz öňünde tutmaýan kommunikasiýanyň bolup biljekligi şübhelidir.)Emma şeýle-de bolsa, aragatnaşygyň belli bir ýagdaýynda taraplaryň biri-birine maglumat geçirmekligi däl-de, olaryň biri-birine laýyklykda eýeleýän orny, bu ornuň güýçlüligi, haýbatlylygy ýa-da tabyn bolmaklygy, ejizligi esasy many dörediji zat bolup durýar. Başga bir tarapdan, adamlaryň özara gatnaşygynda kähalatlarda olaryň edýän hereketleri aýdýan sözlerinden has manyly bolýar.(“mollanyň aýdanynyet, edenini etme” pähiminiň ters görnüşi)

Aragatnaşygyň belli bir ýagdaýynda taraplaryň eýeleýän orunlarynyň dereje, güýç häsiýetnamasy aýgytlaýjy bolýanlygy üçin muny derňeýän ýazarlar aragatnaşykda orunlary ýüze çykarmagy esasy wezipe edip goýýarlar. Mysal üçin: iňlis psihology Perez has umumy derejede aragatnaşykda hojaýyn we tabyn bolýan orunlary tapawutlandyrýar. Bu orunlaryň özboluşlylygy ilkinji nobatda ony eýeleýänleriň ulanýan söz aňlatmalarynda ýüze çykýar. Hojaýynyň ornunda hereket edýän adam, adatça, “sen ony etmelisiň”, “sen ol ýere hökman barmalysyň” we ş.m. aňlatmalary ulanýan bolsa, tabyn bolýanyň ornundaky “men şeýle edilse gowy bolar öýütdim” we ş.m. aňlatmalary ulanýar.

Başga bir tarapdan edil ýokardaky bölünişe manydaş aragatnaşykda yzarlaýjy, pida, kömekçi ýaly orunlar hem tapawutlandyrylýar.

**Nowruzgül JUMANIÝAZOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены